THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistanyň we Russiýa Federasiýasynyň Daşary işler ministrleri köptaraply hyzmatdaşlygyň maksatnamalaryny maslahatlaşdylar

Türkmenistanyň daşary işler ministri Raşid Meredow bilen Russiýanyň daşary işler ministri Sergeý Lawrow ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň we Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň çäklerinde hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşmak üçin 2025-nji ýylyň 14-nji fewralynda telefon arkaly söhbetdeş boldular.

Söhbetdeşligiň dowamynda taraplar Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ähmiýetini nygtadylar we ýylyň dowamynda Türkmenistanyň we Russiýanyň gatnaşmagynda, şol sanda BMG-niň meýdançasynda geçiriljek çäreleri jikme-jik ara alyp maslahatlaşdylar.

Taraplar Türkmenistan bilen Russiýanyň arasynda medeni-ynsanperwer gatnaşyklary ösdürmegiň möhümdigi boýunça pikir alyşdylar.

Söhbetdeşligiň ahyrynda ministrler meýilleşdirilen özara saparlaryň we geňeşmeleriň üsti bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek boýunça ylalaşdylar.

Все права защищены

save pdf date >>> 21.02.2025